***Watan mukaddesligine göterýän, millionlarça adamy jebis millet derejesine ýetirýän duýgy-düşünjeler, ýodalary şaýola öwren asylly ýörelgeler, garaşsyz ösüşiň menzillerinde ýetilen sepgitlerdir nazarlanýan gözýetimler — bularyň ählisi, ynha, Garaşsyzlyk toýumyzyň bosagasynda, 19-njy sentýabrda paýtagtymyzda geçirilen Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň mejlisinde aýdyň beýanyny tapdy. Halk Maslahatynyň ulus-ili birleşdirip, uly geljege ruhlandyryp duran döwletlilik döwresidigini bu mejlis ýene bir ýola aýan-aýdyň tassyklady.***

Türkmenistanyň Halk Maslahaty halkymyzyň bähbitlerine wekilçilik edýär. Onuň işine jemgyýetçiligiň dürli gatlaklarynyň wekilleriniň giňden çekilmegi hem şonuň bilen baglanyşyklydyr. Elbetde, maslahatlaşylyp edilýän işiň rowaçlyklara beslenýändigine Garaşsyzlyk ýyllarynda toplanan baý tejribe aýdyň şaýatlyk edýär. Her bir işde il-halka geňeşmek nesilbaşymyz Oguz handan başlap, ähli parasatly pederlerimiziň asylly ýörelgeleriniň biridir. Türkmenistanyň Halk Maslahaty döwletlilige, kanunylyga we milli demokratik ýörelgelere esaslanmak bilen, şöhratly ata-babalarymyzyň ýolunyň häzirki wagtda döwlet derejesinde mynasyp dowam etdirilýändigini aýdyň beýanydyr.

Umumymilli forumyň mukaddes Garaşsyzlygymyzyň 34 ýyllyk baýramynyň öň ýanynda geçirilmeginde çuňňur many bar. Türkmen halkynyň Milli Lideriniň belleýşi ýaly, Garaşsyzlyk — bu biziň göterilen ykbalymyzdyr! Garaşsyzlyk Magtymguly atamyzyň arzuwlan zamanasydyr, berkarar döwletli we bagtyýar ýaşaýşymyzdyr. Şoňa görä-de, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň mejlisini geçirmek bilen, geçilen taryhy menzillere ser salmak, geljekde öňde duran wezipeleri anyk kesgitläp, Garaşsyz döwletimiziň gazananlaryny berkitmek esasy wezipämizdir. Ösüşlerimiziň binýadyny berk tutmak, döwletimiziň geljegi bolan ýaşlary ak ýollara ugrukdyrmak baş maksadymyzdyr.

Ýokary guramaçylykly geçirilen Halk Maslahatynyň nobatdaky mejlisi Garaşsyz, hemişelik Bitarap Watanymyzyň täze taryhyna altyn harplar bilen ýazylyp, «Döwlet adam üçindir!», «Watan diňe halky bilen Watandyr! Döwlet diňe halky bilen döwletdir!» diýen baş şygarlara laýyklykda, halka daýanyp, halkyň hatyrasyna netijeli durmuş-ykdysady syýasatyň üstünlikli amala aşyrylmagyna kuwwatly itergi berer. Şunda halk hojalygynyň ähli pudaklarynyň sazlaşykly ösüşi, sebitlerde gazanylýan zähmet üstünlikleri bu umumymilli forumda kabul edilen kararlarda, çözgütlerde öz beýany tapýar.

Goý, halkymyzyň parahat, asuda we abadan durmuşda ýaşamagy üçin uly tagallalary edýän Milli Liderimiziň hem-de Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň il-ýurt bähbitli, umumadamzat ähmiýetli tutumly işleri elmydama rowaçlyklara beslensin!

**Amira ASTANOWA,**

Все права защищены

save pdf date >>> 25.01.2026

**Seýitnazar Seýdi adyndaky TDMI-niň 2-nji ýyl talyby.**

Все права защищены
save pdf date >>> 25.01.2026